# Maksatly köňüller (hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 17 марта, 2025



Doňakly gyş ýumşady. Ýaza ýan berdi. Çarwa nowruzynyň ýumşak howasy baharyň buşlukçysydy. Ýöräňde gütürdeýän garyň aşagyndaky topragyň yzgarlanmagy ýere ýyly gitmegiň ilkinji alamatydy. Tarnawyň etegindäki süňňi gowşan sümsülä çalymdaş buzuň ujundan damýan damjalar aşakdaky sürçege düşende sarsgynly seslenýärdi. Işden aryp gelen Maral diwana geçdi. Argyn gelin ymyzgandy. Az salymdan ýygjam damýan damjalaryň sesine tisginip oýandy. Ol biraz diňşirgense-de, belli bir zat aňşyrmady. Gapa gulak goýdy, äpişgä diň saldy. Gapynyň kakylmagyna garaşýan gelin ýene-de näumyt galdy.

Ol gözüni boş diwara dikdi. Ýüzüne düşen ýuwa seçegi ýaly alyn saçynyň tellerini gapdal syryp, barmaklary bilen daraklady. Ýüregine güzer salan ýigidi Wepa bilen baglanyşykly ýatlamalara çümdi…

…Toýdan soňky durmuş garpyz toşaby ýaly ömür süýjüligi bolup galdy. Arzuw atyňy eliň aýasy ýaly tekizlikden, sürlen şüdügärlikden aşyrmak üçin gaýratly bolmaly. Durmuş ýoluna rowana bolaňda, arzuw atyň jylawyny mertlik ýaýlasyna daratmaly. Günleriň bir güni Wepa oňa garaşmadyk teklibini aýtdy:

– Asyr bilen atdaş türkmen kölüne işe gitmekçi!

– O ýerde näme iş etjek?

– Kärim boýunça sürüji ýa-da mehanizator bolaryn.

– Şeýle uzaga gitmäňde-de, köňül beren käriňde şu ýerde-de işläp bolýar-a.

Wepa tarpdan açylan ýerlerde işlemäge höwesekdigini aýtdy. Başarýarkaň başarnygyňy peýdalanmak ýaşlygyň synagly sypatlary. Gelniň ýüzüni bulut büredi, ýöne sesini çykarmady. Gussaly gözler, gurak dymyşlyk ähli zady aýdylandanam aýdyň düşündirdi…

…Bu gürrüňden soň dört diwar dartylyp, otagy daraldýan ýalydy. Diwardan asylgy suratlara-da dil çykyp, ýaş gelni kötekleýän mysalydy. «Ýalňyşýaň, ýalňyşyň ýarysyndan gaýtmak hem peýda» diýen sözler gulagyny burawlaýardy. Beýnide heniz bişmedik biweç pikirler ony közden alyp, köze taşlaýardy. Gelin aň terezisiniň bir gapdalynda öz pikirini, beýleki tarapynda Wepanyň aýdanlaryny goýdy. Zenan kalbynda gaýtalanan pikir ony dogum donuna çolady. Özüne dözümli daraşan Maral ahyry çynlakaý pikirini çugdamlady. «Ara düşen kine, tow çylşyrymlaşmaly däl. Erki ele almak üçin, özüňdäki ynam suwa taşlanan labyr ýaly berk bolmaly» diýip, gelin dogumlandy.

Maralyň örüme gelen gulpajygyny tasadyp, keýik owlagy ýaly bökjekläp ýörkä, enesinden eşiden ertekisi ýadyna doldy. Ertekide daýhan ýigit baýryň ýaýbaň ýapysyna düme bugdaý ekýär. Tohum topragyň teýine düşenden, çygly howa baýyrlyga aralaşýar. Lemmer-lemmer beýewan bulutlar ýapynyň ýagyrnysynda düşläp, ýük ýazdyrypdyrlar. Topraga bol suwly damjalaryny jomartlyk bilen sepeleýärler. Yzgary ýeten topragyň emri bilen nemlenen çygly tohum ýer göwsüni böwsüp çykýar. Ýaýbaň ýapy ýaşyl ýapynjasyna bürenýär. «Gögüňki akardan, agyňky ýokardan» diýilişi ýaly, her bir däne müň bolup ýetişýär. Altyn başly ak bugdaýyň dok dänesi hasaplanandan has artyk bolýar. Haýdasa-da bir başa oragy ahyrlap bilmeýän ýigide kömegiň gerekligi baradaky habar onuň gelnine ýetýär. Bugdaýly meýdanyň ýolunda

howply geçidiň bardygyny bilse-de, ýüregini ýaryna ýakyn duýýan zenan kynçylygy köpri, müşgilligi merduwan edinip, altyn başly bugdaýly meýdanda häzir bolýar. Bereketli hasyly isripsiz ýygnaşýar.

Ertekiniň mazmunyny öz durmuşyna ýoran Maralyň gursagy giňäp, bedeniniň gaýratyny artdyrýar. Ol ýüregini bire baglaýar. Agşam işden gelen Wepa gelniniň gülüp duran ýüzüni görüp, gözüne ynanmaýar. Gelniň soňky aýdanlary ony has-da geň galdyrýar.

– Täzeden özleşdirilýän tarp ýere bileje gideli. – Wepa aňk-taňk bolýar. Gelin sözüni dowam edýär. – Ol ýerleri özgertmäge özümiz ýaly ýaşlar ilgezek. Topar tutup, höwes bilen gidýärmişler. Özleşdirilmeli seleň sähra, tarp ýerler, bagt köli biz ýaly ýaşlara garaşýar. Iş orunlary köpmüşin, bileje işläris.

Ýaşlar kän wagt geçmänkä ýola düşdüler. Gök reňke boýalan töwerek durky bilen gözellikdi. Köli synlamak keýpi göterýärdi. Biri-biri bilen kowalaşýan tolkunlar kenarda daýanýardy. Olar ýaşlaryň ýürek owazy ýaly ýadawsyzlyk bilen gaýtalanýardy. Ak çargada çalymdaş möwçli tolkunlaryň arasyndan gulaç boýy beýiklige galýan apbasy, altyn teňňeli balyklar çyrpynyşyp, suw görküni gözelleşdirýärdi. Gamak kimin galkynýan ýelkeniň üstünde oturan Wepa bilen Maral özlerini bagt gämisinde saýýardylar. Suw üstünden öwüsýän salkyn şemal olaryň ýüzüni birenaýy sypaýardy.

Maral aýgytly hereket edenine begendi. Esasanam, Wepanyň özüni bagtly duýýandygy onuň kalbyny ganatlandyrdy. Ol sähel wagtda şu ýerde işleýänler bilen garyldy-gatyldy gidiberdi. Şeýdip onuň duýgy dünýäsiniň nury köňül köşgüni ýagtylandyrdy.

**Derýa Joşgunow.**